# Tagmaly gyz

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tagmaly gyz TAGMALY GYZ



Men eýýäm köpden bäri arak içemok, şol sebäpden tanyş oglanlar köplenç meni sürüji edip alyp gidýärler. Kän ýer tutamok, köp iýemok, kän gürlämok. Islendik oturlyşykda sessizje oturyp

bilýärin. Oturlyşyk gutaranyndan soň welin, öz içgili tanşymy öz ulagyna mündürip alyp gaýdýaryn. Tanşym maňa ýol kireý bahanasy bilen pul berýär. Ol pul mydama bolmalysyndan bir näçe esse kän. Belkem, bu hudaýýoly bermegiň bir usulydyr, men muny bilemok, dogrusy bilesim-de gelenok. Meni umuman alanda ýagdaý kanagatlandyrýar, meniň tanşym hem razy. Şeýle oturlyşyklara hemmesine diýen ýaly satlyk gyzlar hem gatnaşýarlar. Ol gyzlaryň ählisi diýen ýaly maňa bireýýäm tanyş. Hemişe iki-üç gyzdän kän gyz gelenok, oglanlaryň sany näçe bolsa bolubersin. Gyzlaryň ählisiniň ady, nähili geň bolsa-da, Maýa. Şu ýerde Garagumyň obalarynyň birinde ýaşaýan garry bir adam ýadyma düşýär. Ana, şol adam öýden birini çagyrjak bolsa, oturan ýerinden hökman Owadan diýip gygyrýardy. Öýde Owadan atly aýal maşgala ýok, ýöne iki sany gelinden we üç şany gyzdan kim özini owadan hasaplaýan bolsa çakylyga hä beräýmeli. Maýalar bilenem edil şolar ýaly, Maýa diýseň, hökman biri hä beräýmeli. Maýalaryň hyzmatyndan men hiç haçan peýdalanamokdym. Sebäp diýseň, prosesiň özi bir tüýsli tersdi. Hemişe gyz bilen başda tanyş bolunýardy, soň onuň elinden tutulýardy, soň öpülýärdi we gujaklanylýardy. Bu ýerde welin ähli zady taşlap göny ýatylýan jaýa geçmelidi. Dogrymy aýtsam, meniň hyýalymda beýle aklama hiç wagt döränokdam, men ýöne Maýalary islämokdym, bolany, bolmasa olaryň içinde her tüýslisi bardy.

Günleriň birinde bir zat üýtgedi. Meni nobatdaky oturlyşyga çagyrdylar, men hemişeki ýaly sürüji bolmalydym. Elbetde meni oturlyşygyň ahyrynda-da çagyrsalar bolýardy, ýöne men öz tanşymy öýünden öz maşynynda alyp gitmeli bolýardym. Şeýle günleriň birinde gapydan maýalar girdi, olary oturlyşygyň ortarasynda çagyrypdylar. Gyzlar owadandy we ýaşdy, hemişeki ýaly. Olar saçagyň başyna geçdiler we arak içip başladylar. Bu gezek gyzlar näme üçindir, dört sanydylar. Olar hiç haçan dört sany bolup gelmeýärdiler, iň köp bolanlarynda üç sanydylar. Köplenç bary ýogy tutuş oturluşygy özünde iki sany gyz alyp çykýardy. Häli aýdyşym ýaly, bu jige bir zatlar ters gitdi. Dördünji gelen gyz Maýa däldi, ol gyzda bir zat tapawut edýärdi. Ol gyz näme üçindir meniň gapdalyma geçip oturdy. «Olam meniň ýaly arak içmeýän sürüjimikä?» Men içimden oýlandym we ýylgyrdym. Gyz hiç zat gürlemedi, ol diňe maňa golaý gysyldy. Daşyndan seretseň, men ol gyzyň ýoldaşy ýalydym. Belki şol sebäpden gyza hiç kim üns bermeýän bolmaly?

Birinji gezekmikä işe çykyşy? Men oýlandym. Galan üç sany gyzy eýýäm bir näçe gezek ýatylýan jaýlara aýlap ýetişdiler. Ýöne men ýanyma gelip gonan gyzy hamala hiç kim görmeýän ýalydy. Men daş-töweregime seretdim we hyýalymda näçe puluñ bardygyny sanadym. Meniň Maýalara tölemäge pulum ýetjekdi, ýöne maňa gapdalymdaky gyz gerekdi. Ol bolsa eýýäm sesini çykarman maňa hyzmat edýärdi. Bulgurym boşasa, maña suw guýýardy. Saçagyň her ýerine süýnüp, diňe meniň göwnüme ýaraýan zatlary alýardy, näme gowy görýänimi bilmese-de, hamala pikirimi okaýan ýaly….
Şol gije maňa näme bolanyny bilemok, ýöne şol gyz bilen meni ykbal sataşdyrdy. Men ýüregim bilen syzýardym we ýatylýan jaýlaryň ählisi boşaýança garaşýardym. Her oglan bir-iki gezek girip çykanyndan soň, Maýalardan eýýäm peýda ýokdy. Oglanlaryň ählisi diýen ýaly öýlenip çykypdy. Hemişe bolşy ýaly oturlyşygyň soňunda her tüýsi samsyk jedeller başlaýardy, mysal üçin Işan aga diýilýän adam bir sagadyň içinde bäş gezek Maýa bilen ýatyp biljegini aýdýardy we oňa hiç kim ynananokdy, netijede jedel pula geçýärdi, Maýalaryň biri bolsa, Işan aga öz hyzmatlaryny teklip edýärdi, eger birden jedelde utup bolsa, utuş ýarpa paýlaşylmalydy. Elbetde jedelde hiç kim aldamaz ýaly, bar zat märekäniň göz astynda bulup geçmelidi. Men bolsa şeýle jedelleriň başlaryna garaşyp otyrdym. Dogrymy aýtsam, gapdalymdaky gyza pul teklip etmäge dilim aýlanar öýdemokdym. Ýagdaýyň şeýle kyndygyna men diňe şu wagt düşündim. Gapdalymdaky gyzyň adyny hem sorap bilemokdym, onuň bahasyny soramak aňyrda dursun. Galan üç sany gyzdan haraý isläp, olaryň ýüzlerine seredýärin, ýöne olar hem eýýäm içgilidi. Iň geň ýeri, meniň gapdalymda oturan gyz, hamala diňe meniň gözüme görünýän ýaly, oňa hiç kim üns berenok. Özem ol gyz näme üçindir meniň göwnüme diýseň ýaraýar. Diňe bir ýaraýar däl-de, eýsem ony ömrüme tanaýan ýaly, eger ol gyz menden ýüregiň içindäki iň gyzlin syry näme diýip sorasa, men şol bada pikirlenmän oňa jogap berjek, sebäbi ol gyz barybir men hakda ähli zady bilýär. Näme üçindir mende şeýle duýgular bardy, men bilemok.
Märekäniň ýarsy daşaryk çilim çekmäge çykdy, ýarsy şäherden gelmeli bir zatlary garşy almaga çykdy, käbir adamlar bolsa saçagyň başynda uklap galdy. Gyz bilen men ikiçäk diýen ýaly galdym. Men gyzyň ýüzüne manyly seretdim, gyz düşündi we ýerinden turup ýatylýan jaýlaryň birine ugrukdy, maňa artykmaç gürlemek hem gerek bolmady. Bar zat öz-özünden düşnükli boldy.

Otagyň içi garaňkydy, hiç zat görünenokdy, emma men çyrany ýakasym hem gelenokdy. Men diňe gyzy gujaklap göresim gelýärdi, ony beýle hapa ýerde ýalaňaçlasym gelenokdy. Gyz hem meniň pikirlerimi okan ýaly krowadyň üstüne süýndi, men hem onuň gapdalyndan.
Dokuz-on ýaşymdan başlap, men her gije hyýalymda, hamana, gyz bilen ýatýan ýaly bolýardym. Ýassygy ýa-da ýorgany gujaklap ony gyz diýip göz öňüme getirýärdim, belkem oglanjyklaryň ählisi hem şeýle edýändir? Ählisi! Öýlenjek wagtlarym, toýa sanaýmaljak gün galanda men begenýärdim, ine meň hyýalyňdaky zatlar hakykada öwrüler men indi janly gyzy gujaklaryn. Ýöne bar zat beýle ýönekeý däl bolup çykdy. Birinji gijede men öz aýalymy bir sagat ýaly gujaklap gördüm we oňa aýtdym:
— Men ençeme ýyllap ýeke ýatyp öwrenişdim, indem seni gujaklap ýatyp bilemok, seniň teniň gyzgyn, men bolsa sowugy gowy görýän, şonuň üçin meniň ýanymdan süýş. Men öz aýalymy gujaklap ýatmaga synanyşýan, emma mende mydama bir oňaýsyzlyk duýgusy döreýär, bilemok näme üçin, hyýaly gyz, hakyky gyzy mydama ýeňýär. Soň kelläme başga bir pikir geldi, meň dokuz-on ýaşymdan bäri göwnüme ýaraýan başga bir gyz bardy, belkem şol gyzy men gijelerine gujaklaýandyryn? Göräýmäge ähli zat dogry ýaly, ýöne wagtyň geçmegi bilen men ol gyza-da ýetdim we ony gujaklap gördüm. Barybir bir zat oňaýsyz, ençeme ýyllap hamala söýgi ýaly bolup duýulan zat bir gijede puç boldy, maňa hiç kimiň gerek däldigine düşündim. Aýalymy hem söýýän gyzymy gujaklap görüp, men näme üçindir oňaýsyzlygy duýýardym, hamala meni hyýaly gyz gabanýan ýaly? Aradan ençeme wagt geçdi, we men diňe şu gün we şu gije, nätanyş bir gyzy gujaklap, hiç bir oňaýsyzlygy duýamokdym. Oň tersine, şu wagtky gujagymdaky gyz, şol men dokuz-on ýaşdan başlap, her gije ýanymda bolan gyzdygyna düşündim.
— Sen meni tanadyňmy? -gyz mylaýym ses bilen tümüň içinde sorady.
— Hawa, men seni tanadym — diýip jogap berdim.
Gyzyň egnine göz ýaşlarymy süpürdim. Başga hiç bir gyzyň ýanynda öz göz ýaşlarymy görkezmerdim, emma bu gyzdan hiç zady gizlemeseň bolýardy. Gyzy hiç ýerik göýberesim gelenokdy, ony şeýdip kyýamata çenli gujaklap ýatmaga razydym. Hudaý aýaly erkegiň gapyrgasyndan ýasan bolsa, meň ýanymdaky gyzy Hudaý hut meň öz gapyrgamdan ýasan bolmalydy? Meniň durmuşymdaky aýallaryň ählisi, maňa ýat adamlardy, ejem we uýam, aýalym we

söýýän gyzym. Diňe şu wagt ýanymdaky gyz, näme üçindir maňa ýakyndy. Eger ol gyzy, meni tanaýan adamlar ýekelikde görseler, şol bada oň meň aýalymdygyna düşünjekdiler, hamala onda meň möhürüm bar ýaly. Ähli zady düşündürme kyn, ýöne mende şol wagt şeýle duýgular bolup geçipdi.
— Sen eýýäm ýarty ýoly geçdiň — diýdi gyz. — Ýene azajyk garaş we biz duşuşarys, soň hiç wagt aýra düşmeris.
— Nirede duşuşarys? — diýip soradym, soň uka gitdim.
Gyzyň jogaby meň ukyma öwrüldi we men düýşümde gyzy gördüm. Biz oň bilen beýik dagyň depesinde, hiç hili hasrat we alada gaýgy ýok. Men ondan başga hem köp zatlary gördüm, emma meni oglanlaryn biriniň sesi oýardy. Näme üçindir eýýäm daň atypdy, myhmanlaryň ýarsy diýen ýaly gaýdypdy. Meniň gujagymdaky gyzdan bolsa eýýäm nam nyşan ýokdy.
Soň ol gyza men hiç haçan duşmadym, şol gijeki Maýalaryň hiç biri hem gyz barada hiç zat bilenokdylar. Biz üç sany gyz bolup geldik, dördünji gyz ýokdy diýdiler maňa. Oglanlaryň käbirleri meň gapdalymda bir gyzyň bardygyny ýatlan ýalam edýärdiler, emma arak diýen zat hiç bir görülen zatda ynam goýanokdy. Wagtyň geçmegi bilen men ol gyzyň kimdigine düşündim. Ol gyz meniň ol dünýedäki aýalym, ol maňa dünýe döräp garaşyp otyr we mana ýakynlaşan islendik aýala gargaýar. Tagmaly gyz, meniñ göze görünmeýän tagmam basylan gyz. Biz diňe meň ölüminden soň duşuşup bileris, ýöne näme üçin Hudaý bizi şu wagt az salymlyk duşurdy, men bilemok. Dogrusy, duşuşuk meniň üçin hiç hili yzsyz geçmedi, şol gijeden başlap mende hiç bir aýala jynsy isleg döränok, medisina dili bilen aýdanyňda, meniň jynsy agzam işlänok, işjeň ýagdaýa geçenok. Dogrymy aýtsam, meniň özüme-de işläni gerek däl, men indi hiç kimi söýemok, hiç kimi begendiresim gelenok. Maňa indi diňe şol gyz gerek, Hudaýyň hut men öz gapyrgamdan ýasan gyzy.
Hekaýalar